#28 (50)
понедельник, 12 июля 2021 года
Интернет газета
Международные новости
Учредитель — Министерство иностранных дел Туркменистана



# TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETINIŇ GIŇIŞLEÝIN MEJLISI GEÇIRILDI

9-njy iýulda Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisini geçirdi. Oňa Milli Geňeşiň wekilleri, ministrlikleriň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň, ýokary okuw mekdepleriniň, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň ýolbaşçylary, welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň häkimleri hem-de olaryň orunbasarlary çagyryldy.

Mejlisde halk hojalyk toplumynyň pudaklaryny ösdürmek boýunça şu ýylyň ýanwar — iýun aýlarynda ýerine ýetirilen işleriň netijeleri jemlenildi, degişli hasabatlar diňlenildi hem-de amala aşyrylan işlere baha berildi, Türkmenistanyň Prezidentiniň we ýurdumyzy durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň beýleki maksatnamalary ara alnyp maslahatlaşyldy, ikinji ýarym ýyl üçin ileri tutulýan wezipeler kesgitlenildi hem-de ýolbaşçylary wezipä bellemek, wezipeden boşatmak baradaky meselelere garaldy.

Mejlisiň barşynda bellenilişi ýaly, hasabat döwründe jemi içerki önüm 6,1 göterim artdy. Geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende, jemi öndürilen önüm 5,2 göterim ýokarlandy. Ýanwar — iýun aýlarynda 2020-nji ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende, bölek-satuw haryt dolanyşygy 17,5 göterim, daşary söwda dolanyşygynyň möçberi bolsa 3,5 göterim ýokarlandy. Ýurdumyzyň iri we orta kärhanalarynda ortaça aýlyk zähmet haky, geçen ýylyň degişli döwrüne görä, 10,5 göterim köpeldi.

«Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2019 — 2025-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasynyň» ýerine ýetirilişi barada hem hasabat berildi.

Mejlisiň dowamynda döwlet Baştutany Gurbanguly Berdimuhamedow Türkmenistanyň oňyn Bitaraplyk, parahatçylyk söýüjilik, «Açyk gapylar», hoşniýetli goňşuçylyk we özara bähbitli deňhukukly hyzmatdaşlyk etmek kadalaryna esaslanýan daşary syýasy strategiýasyna ünsi çekdi.

Türkmenistan döwletara derejede hyzmatdaşlygy ösdürmek bilen, köptaraply görnüşde netijeli gatnaşyklara üýtgewsiz eýerýändigini görkezip gelýär. Şunuň bilen baglylykda, milli Lider ýurduň daşary syýasy edarasynyň ýolbaşçysyna şu ýylyň ikinji ýarymynda birnäçe halkara çäreleriň we maslahatlaryň hem-de beýleki döwletleriň ýolbaşçylarynyň Türkmenistana saparlarynyň meýilleşdirilendigini belledi. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow bu çäreleri ýokary derejede geçirmek üçin düýpli taýýarlyk görmegiň zerurdygyny nygtady we bu babatda anyk tabşyryklary berdi.

Soňra döwlet Baştutany Gurbanguly Berdimuhamedow mejlise gatnaşyjylara ýüzlenip, şu ýylyň alty aýynda halk hojalyk toplumynyň pudaklarynyň ýerine ýetiren işleriniň netijelerini jemledi. Türkmenistanyň Prezidenti döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlaryna ünsi çekip, ýakyn geljek üçin esasy wezipeleri kesgitledi.

Milli Lideriň nygtaýşy ýaly, nesip bolsa, sentýabrda möhüm waka — berkarar döwletimiziň mukaddes Garaşsyzlygynyň şanly 30 ýyllyk baýramy giňden belleniler. Şunuň bilen baglylykda, bu şanly senä bagyşlanan esasy mejlis 25-nji sentýabrda geçirilse, 26-njy sentýabrda bolsa zähmetde gazanan üstünlikleri üçin sylaglara mynasyp bolan raýatlary döwlet sylaglary bilen sylaglamak dabarasy geçirilse, 27-nji sentýabrda hem ata Watanymyzyň baş baýramy — Garaşsyzlygymyzyň 30 ýyllyk şanly ýubileýini uly dabaralara besläp bellenilip geçilse, maksadalaýyk boljakdygy bellenildi.

Koronawirus pandemiýasynyň ýurduň içerki ykdysady işjeňligine ýetirýän ýaramaz täsiri dowam edýär. Muňa garamazdan, statistik maglumatlar dünýä ykdysadyýetindäki meseleler bilen bagly Hökümetiň netijeli çäreleri görýändigini görkezýär diýip, döwlet Baştutany belledi.

Ýurdumyzy 2025-nji ýyla çenli durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň maksatnamasyna laýyklykda, geçen ýarym ýylda dünýä ykdysadyýetini ösdürmekde döwletimiziň ornuny berkitmek boýunça işler dowam etdirildi. Bäsleşige ukyply, ýokary hilli, içerki we daşarky bazarlarda uly isleg bildirilýän dürli görnüşli harytlary öndürýän innowasion senagat kärhanalaryny döretmek işleri depginli alnyp baryldy.

Daşary syýasatymyz hem üýtgewsiz dowam edýär diýip, Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow belledi. Garaşsyzlygyň şanly 30 ýyllygynyň bellenýän ýylynda hem, ozalkysy ýaly, Birleşen Milletler Guramasy, Ýewropada Howpsuzlyk we Hyzmatdaşlyk Guramasy, Ýewropa Bileleşigi, Şanhaý Hyzmatdaşlyk Guramasy, Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygy hem-de beýleki halkara guramalar bilen energetika we suw howpsuzlygyny üpjün etmek, ekologiýa meselelerini çözmek boýunça ysnyşykly gatnaşyklar alnyp barylýar.

Ulag üpjünçilik, bilim we medeniýet ulgamlaryny ösdürmek, adam hukuklaryny hem-de azatlyklaryny goramak, ählumumy howpsuzlygy berkitmek bilen bagly işjeň hyzmatdaşlyk dowam edýär.

Döwlet Baştutany içeri syýasatyň esasy ugurlary barada aýdyp, birnäçe

*(Dowamy 2-nji sahypada).*

# BMG-NIŇ BAŞ ASSAMBLEÝASYNYŇ 75-NJI MEJLISINIŇ BAŞLYGY TÜRKMENISTANDA SAPARDA BOLDY

4-nji iýulda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 75-nji mejlisiniň Başlygy Wolkan Bozkyr türkmen paýtagtyna iş sapary bilen geldi.

5-nji iýulda Wolkan Bozkyr Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow tarapyndan kabul edildi.

Gepleşikleriň dowamynda Türkmenistanyň Birleşen Milletler Guramasy we onuň düzüm birlikleri bilen strategiki häsiýete eýe bolan köpugurly hyzmatdaşlygynyň derwaýys meseleleri ara alnyp maslahatlaşyldy. Türkmenistanyň Ählumumy gün tertibiniň wajyp ugurlary babatynda hoşniýetli goňşuçylyk, deň hukukly gatnaşyklar ýaly ýokary ynsanperwer maksatlara eýerýän gyşarnyksyz nukdaýnazary beýan edildi.

Şol gün, 5-nji iýulda Türkmenistanyň DIM-niň binasynda Wolkan Bozkyryň baştutanlygyndaky BMG-niň wekiliýetiniň Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, Daşary işler ministri Raşid Meredow bilen duşuşygy geçirildi.

Dostlukly we ynanyşmak ýagdaýynda geçen duşuşygyň barşynda taraplar Türkmenistanyň we Birleşen Milletler Guramasynyň arasyndaky hyzmatdaşlyk bilen bagly sebit we ählumumy gün tertibiniň möhüm meseleleri, şol sanda Türkmenistan bilen Birleşen Milletler Guramasynyň arasynda durnukly ösüş ugrunda 2021-2025-nji ýyllar üçin hyzmatdaşlygyň çarçuwaly Maksatnamasyny durmuşa geçirmek boýunça alnyp barylýan ähmiýetli işler dogrusynda pikir alyşdylar.

Hemişelik bitaraplygyň özboluşly derejesini we parahatçylygy, durnuklylygy hem-de durnukly ösüşi berkitmekde Türkmenistanyň öňde goýlan ähmiýetli maksatlara we borçnamalara ygrarlylygyny bellemek bilen, jenap Wolkan Bozkyr Türkmenistanyň durmuş we ykdysady häsiýetli anyk başlangyçlar arkaly sebitiň we tutuş dünýäniň ösüşindäki ornuna ýokary baha berdi.

Bu ugurda pandemiýa, howanyň üýtgemegi we beýlekiler bilen bir hatarda, häzirki zamanyň howplaryna we wehimlerine garşy göreşmekde BMG-niň howandarlygyndaky hyzmatdaşlygy kämilleşdirmegiň mümkinçilikleri dogrusynda hem pikirler alyşyldy. Şunuň bilen baglylykda, milli, sebit we halkara derejelerde Türkmenistan tarapyndan ýerine ýetirilen anyk ädimler sanalyp geçildi. Gender deňligi, azyk üpjünçiligi, durmuş ösüşi, sanlylaşdyrmagy, howanyň üýtgemegine garşy göreşmegi goldamak babatda döwlet meýilnamalarynyň we maksatnamalarynyň ähmiýeti nygtaldy.

Şunda taraplar sebitdäki ýagdaýlary ara alyp maslahatlaşdylar. Şunda işjeň gepleşikler we gapma-garşylyklary çözmek ugrunda araçylyk tagallalar arkaly Türkmenistanyň sebit hyzmatdaşlygy ösdürmekdäki işjeň orny bellenildi. Şunuň bilen baglylykda, BMG-niň Merkezi Aziýada Öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebitleýin merkeziniň ähmiýeti bellenildi. Türkmenistanyň Hökümeti ýurtda BMG-niň ulgamynyň geriminiň giňledilmegine aýratyn gyzyklanma bildirýändir. Şunlukda, şu ýylyň fewralynda Aşgabatda BMG-niň Taslamalara hyzmat etmek baradaky müdirliginiň wekilhanasyny açmak barada ylalaşyk gazanyldy. Şonuň ýaly-da, 2021-nji ýylyň fewralyndan BMG-niň Adam hukuklary boýunça Ýokary Komissarynyň Müdirliginiň maksatnama boýunça hünärmeni Türkmenistanda işe başlady.

Wekiliýetler şeýle-de şu ýylda geçirilmegi meýilleşdirilýän çäreleri, şol sanda Howanyň üýtgemegi boýunça BMG-niň Çarçuwaly konwensiýasynyň (COP-26) 26-njy maslahatyna görülýän taýýarlyklary ara alyp maslahatlaşdylar. Türkmen tarapy bu çärä işjeň gatnaşmagy maksat edinýändigi hem nygtady.

Şeýle-de taraplar umumy ösüşe we dünýäniň tutuş halklarynyň abadançylygyna ýetmek üçin BMG-niň mehanizmleriniň kämilleşdirilmeginiň we has-da netijeli ulanylmagynyň zerurdygy barada ylalaşdylar. Şunuň bilen baglylykda, BMG-niň işjeň agza döwletleriniň biri bolmak bilen, Türkmenistan özüniň oňyn bitaraplyk syýasatynyň çäklerinde Guramanyň Tertipnamasynda berkidilen maksatlara ýetmegiň üstünde işlemegi maksat edinýär.

Türkmenistanyň DIM-de geçen duşuşyk tamamlanandan soňra, BMG-niň Baş Assambleýasynyň 75-nji mejlisiniň Başlygy Wolkan Bozkyr Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Mejlisiniň Başlygy Gülşat Mämmedowa bilen duşuşdy.

Duşuşygyň barşynda Türkmenistanyň 2020-nji ýylyň 14-nji martynda gol çekilen Türkmenistanyň Hökümeti bilen BMG-niň arasynda durnukly ösüş ugrunda 2021-2025-nji ýyllar



üçin hyzmatdaşlygyň çarçuwaly Maksatnamasyny hemmetaraplaýyn durmuşa geçirmek ugrunda, BMG-niň Ösüş Maksatnamasy, BMG-niň Ilat gaznasy, ÝUNESKO, ÝUNISEF, BMG-niň Bosgunlaryň işi baradaky Ýokary Komissarynyň Müdirligi, Bütindünýä Saglygy goraýyş guramasy hem-de BMG-niň ulgamynyň beýleki düzüm birlikleri bilen netijeli hyzmatdaşlygy ilerledýändigi nygtaldy. Şol bir wagtda hem, Türkmenistanyň Prezidentiniň dünýä ýurtlarynyň hem-de halklarynyň arasyndaky gatnaşyklarda parahatçylyk, ynanyşmak we özara düşünişmek medeniýetiniň pugtalandyrylmagy babatyndaky tagallalarynyň derwaýys häsiýete eýe bolup durýandygy aýratyn bellenilip geçildi.

Интернет газета
Международные новости

# TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETINIŇ GIŇIŞLEÝIN MEJLISI GEÇIRILDI

*(Başlangyjy 1-nji sahypada).*

anyk mysallary getirdi. Ýurdumyzda ygtybarly salgyt-býujet we pul-karz syýasaty goldanylýar, hususy we döwlet üpjünçilik ulgamlaryna goýulýan maýa goýumlarynyň möçberi barha artýar. Dünýä ykdysadyýetinde emele gelen kynçylyklara garamazdan, jemi içerki önümiň ösüşi ýokary derejede, ýagny 6,1 göterim möçberinde saklanylýar.

Senagat hem-de durmuş maksatly desgalaryň gurluşygy giň gerim bilen dowam etdirilýär. Häzirki döwürde umumy bahasy 37 milliard amerikan dollaryndan hem köp bolan 2,5 müňe golaý iri desganyň gurluşygy alnyp barylýar.

Oba milli Maksatnamasyna laýyklykda, hasabat döwründe ýurdumyzda 1 milliard manatdan hem köp möçberde düýpli maýa goýumlary-da özleşdirildi diýip, milli Lider geçen ýarym ýylda 32 sany iri desganyň, meýdany 325 müň inedördül metr bolan ýaşaýyş jaýlarynyň, şol sanda umumy bahasy 640 million manatdan hem geçýän, ähli amatlyklary bolan ýaşaýyş jaýlarynyň gurlup, ulanmaga berlendigini kanagatlanma bilen belledi.

Senagat desgalary, ýaşaýyş jaýlary, çagalar baglary, mekdeplerdir dükanlar we beýleki desgalar göz öňünde tutulan möçberde işe girizildi. Bir million 400 müň tonna bugdaý hasyly ýygnalyp alyndy. Bu bolsa ýurdumyzyň azyk howpsuzlygyny üpjün edýär.

Energiýa serişdelerini dünýä bazarlaryna diwersifikasiýa ýoly bilen ibermek boýunça syýasat hem bellenilen meýilnamalara laýyklykda dowam edýär. Türkmenistan — Owganystan — Pakistan — Hindistan gaz geçirijisiniň taslamasy, şeýle hem beýleki sebit taslamalary üstünlikli durmuşa geçirilýär.

Döwlet Baştutany Türkmenistan — Hytaý gaz geçirijisini gurmak üçin alnan karz serişdeleri boýunça hem öz wagtynda Hytaý bilen hasaplaşygyň geçirilendigini aýtdy. Häzirki wagtda tebigy gazy satmakdan alynýan girdeji döwletiň gaznasyna gönükdirilýär diýip, milli Lider belledi.

Ykdysadyýeti diwersifikasiýa ýoly bilen ösdürmegiň çäklerinde daşary ýurtlardan getirilýän harytlaryň ornuny tutýan önümleri özümizde öndürmegiň, eksport edilýän harytlaryň möçberlerini artdyrmagyň, elektron senagatyny döretmegiň döwlet maksatnamalary hem netijeli amala aşyrylýar.

Döwlet Baştutany möhüm wezipelere ünsi çekip, heniz çözülmegi köp zähmeti talap edýän meseleleriň hem bardygyny aýtdy.

Ýurduň ykdysady we maliýe durnuklylygyny üpjün etmek, ilatyň iş bilen üpjünçilik derejesini ýokarlandyrmak, göni daşary ýurt maýa goýumlarynyň möçberini artdyrmak möhüm ugurlaryň hatarynda görkezildi. Şu meseleler we ýurdumyzyň eksport mümkinçiligini ýokarlandyrmak, walýuta serişdeleriniň gelip gowuşmagyny üpjün etmek, ykdysadyýetiň ähli pudaklaryna sanly tehnologiýalary giňden ornaşdyrmak häzirki döwürde ähli ýolbaşçylar üçin ileri tutulýan ugurlar bolmagynda galýar diýip, hormatly Prezident belledi.

Esasy zat bolsa bilim ulgamyny ösdürmäge köp möçberde serişde goýulmalydyr diýip, döwlet Baştutany sözüni dowam etdi. Ýokary girdejili döwletleriň hataryna üstünlikli geçen ýurtlaryň öz bilim ulgamyny ösdürmek üçin ep-esli serişde goýberendigini halkara tejribe görkezýär. Hökümetiň bilim babatda strategik işleri çaltlandyrmagy we amala aşyrmagy Garaşsyz döwletimiziň dünýä giňişliginde bäsdeşlige ukyply ykdysadyýete goşulmagy üçin esas döreder diýip, milli Lider belledi.

Dürli derejedäki bilim ulgamy bilen zähmetiň arasynda ylalaşylan okuw maksatnamalaryna döwlet serişdeleriniň netijeli çekilmegi adam maýasyny we ilatyň hünär endiklerini ýokarlandyrar.

Bu çäreler ýurdumyzyň ykdysady ösüşi, dünýä ykdysadyýetine mundan beýläk-de goşulmagy üçin esaslary üpjün eder. Şeýle hem zähmet bazarynyň talaplaryny hasaba almak bilen, gowy taýýarlanan raýatlaryň girdejileriniň artmagynyň hasabyna durmuş derejesiniň ýokarlanmagyna şert döreder.

Ykdysadyýetde döwletiň gatnaşyk paýyny azaltmak we hususy pudagy giňeltmek boýunça alnyp barylýan işleriň hem güýçlendirilmegine aýratyn üns berildi.

Hususylaşdyrmagyň sanawyna energetika, ulag we aragatnaşyk pudaklarynyň aýry-aýry döwlet kärhanalaryny, üpjünçilik desgalaryny, şeýle hem köp sanly beýleki desgalary goşmaly diýip, hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow paýnamalaryň ýerleşdirilmegini, gazna bazarynyň we açyk bäsleşikli söwdalaryň guralmagyny hususylaşdyrmagyň esasy usullary hökmünde kesgitledi.

Mälim bolşy ýaly, şu ýylyň ikinji ýarymynda birnäçe möhüm halkara we içerki döwlet çärelerini geçirmek göz öňünde tutulýar diýip, milli Lider sözüni dowam etdi. Mukaddes Garaşsyzlygyň şanly ýubileýini, şeýle hem berkarar döwletimiziň Bitaraplyk baýramyny giňden belläp geçeris diýip, döwlet Baştutany ministrlikleriň we pudak edaralarynyň ähli ýolbaşçylaryndan bu çäreleriň örän ýokary derejede geçirilmegini talap edýändigini belledi.

Milli Lider çykyşyny tamamlamak bilen, geçen ýarym ýylyň görkezijileriniň, umuman, kanagatlanarly bolandygyny aýtdy. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistanyň Prezidenti ministrlikleriň we pudak edaralarynyň ähli ýolbaşçylaryna geçen alty aýda edilen işleriň netijeleri boýunça öňümizdäki günlerde maslahatlary geçirmegi tabşyrdy.

Welaýat häkimlerinden beýleki ýolbaşçylara bolsa 1-nji awgustdan 1-nji sentýabra çenli «Awazada», «Arçmanda» we «Ýylysuwda» ýada ýurdumyzyň beýleki şypahanalarynda dynç almaga rugsat berildi.

Şu günki mejlisiň dowamynda ýolbaşçylary wezipä bellemek we wezipeden boşatmak meselelerine seredildi, ykdysadyýetimiziň pudaklaryny ösdürmäge gönükdirilen birnäçe resminamalar kabul edildi diýip, milli Lider belledi.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisini tamamlap, oňa gatnaşanlaryň ählisine berk jan saglygyny, maşgala abadançylygyny, berkarar Watanymyzyň gülläp ösmegi ugrunda alyp barýan işlerinde uly üstünlikleri arzuw etdi.

**Onuň Alyhezreti,**
**Türkmenistanyň Prezidenti**
**jenap Gurbanguly BERDİMUHAMEDOWA**

**Hormatly Gurbanguly Mälikgulyýewiç!**

Türkmenistana bolan resmi saparymyň ýokary derejede guralandygy hem-de gyrgyz wekiliýetine bildirilen myhmansöýerlik üçin tüýs ýürekden hoşallyk bildirýärin.

Saparyň çäklerinde guralan çäreleriň, hususan-da, Siziň bilen ikitaraplaýyn duşuşyklaryň netijeli hem-de özara ynanyşmak ýagdaýynda geçmegi gyrgyz-türkmen doganlyk gatnaşyklarynyň ösüşinde ýene-de bir taryhy tapgyr boldy. Gepleşikleriň barşynda gazanylan ylalaşyklaryň käbiriniň eýýäm durmuşa geçirilip başlandygyna örän şatdyryn.

Gyrgyz Respublikasy bilen Türkmenistanyň arasyndaky doganlyk gatnaşyklarynyň hem-de strategik hyzmatdaşlygyň iki halkyň abadançylygynyň bähbidine mundan beýläk-de giňeldiljekdigine we ösdüriljekdigine ynanýaryn.

Pursatdan peýdalanyp, Sizi Gyrgyz Respublikasyna özüňiz üçin islendik amatly wagtda jogap sapary bilen gelmäge çagyrýaryn.

Hormatly Gurbanguly Mälikgulyýewiç, Size berk jan saglyk, döwlet işiňizde uly üstünlikleri, doganlyk türkmen halkyna bolsa parahatçylyk we rowaçlyk arzuw edýärin!

Hormatlamak bilen,

**Sadyr Žaparow,**
**Gyrgyz Respublikasynyň Prezidenti.**

# TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ KARARLARY BILEN HÖKÜMETARA TOPARLARYNYŇ TÜRKMEN BÖLEGINIŇ DÜZÜMI TASSYKLANYLDY

Türkmenistanyň Prezidentiniň Türkmenistan bilen Belarus Respublikasynyň arasyndaky hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de ösdürmek maksady bilen, 2021-nji ýylyň 11-nji iýulynda gol çeken Kararyna laýyklykda, Ykdysady hyzmatdaşlyk boýunça hökümetara türkmen-belarus toparynyň Türkmen böleginiň düzümi tassyklanyldy.

Türkmenistanyň Prezidentiniň Türkmenistan bilen Gazagystan Respublikasynyň arasyndaky hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de ösdürmek maksady bilen, 2021-nji ýylyň 11-nji iýulynda gol çeken Kararyna laýyklykda, Ykdysady, ylmy-tehniki we medeni hyzmatdaşlyk boýunça hökümetara türkmen-gazak toparynyň türkmen böleginiň düzümi tassyklanyldy.

Türkmenistanyň Prezidentiniň Türkmenistan bilen Hytaý Halk Respublikasynyň arasynda ikitaraplaýyn gatnaşyklary has-da ösdürmek maksady bilen, 2021-nji ýylyň 11-nji iýulynda gol çeken Kararyna laýyklykda, Hyzmatdaşlyk boýunça türkmen-hytaý hökümetara komitetiniň hem-de onuň kiçi komitetleriniň türkmen böleginiň ýolbaşçylary bellenildi.

Türkmenistanyň Prezidentiniň Türkmenistan bilen Russiýa Federasiýasynyň arasynda gazanylan ikitaraplaýyn ylalaşyklary durmuşa geçirmek hem-de iki ýurduň özara gatnaşyklaryny mundan beýläk-de ösdürmek maksady bilen, 2021-nji ýylyň 11-nji iýulynda gol çeken Kararyna laýyklykda, Ykdysady hyzmatdaşlyk boýunça hökümetara türkmen-rus toparynyň Türkmen böleginiň düzümi tassyklanyldy.

Türkmenistanyň Prezidentiniň Türkmenistan bilen Ýaponiýanyň arasynda gazanylan ikitaraplaýyn ylalaşyklary durmuşa geçirmek hem-de iki ýurduň özara gatnaşyklaryny mundan beýläk-de ösdürmek maksady bilen, 2021-nji ýylyň 11-nji iýulynda gol çeken Kararyna laýyklykda, Türkmen-ýapon ykdysady komitetiniň türkmen böleginiň düzümi tassyklanyldy.

# В АШХАБАДЕ ОБСУЖДЕНЫ ВОПРОСЫ РАЗВИТИЯ ТУРКМЕНО-РОССИЙСКОГО ВЗАИМОДЕЙСТВИЯ

8 июля в Ашхабаде состоялась встреча с делегацией Российской Федерации во главе с Председателем Комитета по внешним связям города Санкт-Петербург Е.Григорьевым, прибывшей в Туркменистан с рабочим визитом.

На встрече туркменская сторона была представлена Заместителем Председателя Кабинета Министров, Министром иностранных дел Туркменистана Рашидом Мередовым и Заместителем Председателя Кабинета Министров, Председателем Высшей контрольной палаты Туркменистана Сердаром Бердымухамедовым.

В ходе беседы особо отмечена активная динамика развития туркмено-российских отношений по всем направлениям, представляющим обоюдный интерес.

В данном контексте важно подчеркнуть, что сотрудничество Туркменистана с регионами Российской Федерации выступает в качестве одного из важных механизмов двустороннего взаимодействия. Как известно, правительственная делегация Туркменистана приняла участие в 24-ом Петербургском международном экономическом форуме.

В ходе беседы стороны особо отметили перспективность сотрудничества в области торговли, цифровых технологий, инновационной экономики и взаимодействия между коммерческими структурами двух стран. Констатирован стабильный рост



объема товарооборота между Туркменистаном и Россией.

Стороны также подчеркнули результативность регулярных встреч представителей государственного и частного сектора Туркменистана и России. Отмечено, что с Санкт-Петербургом Туркменистан связывают многолетние партнерские связи, основанные на дружбе, равноправии и взаимном уважении.

Было также отмечено, что экономическое взаимодействие двух стран затрагивает широкий спектр, включая взаимодействие в области транспорта, энергетики, промышленности, цифровизации, здравоохранения, финансов и др.

В рамках визита делегации Российской Федерации также провела ряд встреч с руководителями профильных министерств и ведомств Туркменистана.

Интернет газета
Международные новости

# МИНИСТР ИНОСТРАННЫХ ДЕЛ КИТАЙСКОЙ НАРОДНОЙ РЕСПУБЛИКИ ПОСЕТИЛ С ОФИЦИАЛЬНЫМ ВИЗИТОМ ТУРКМЕНИСТАН

12 июля начался двухдневный официальный визит Министра иностранных дел Китайской Народной Республики Ван И в Туркменистан.



В рамках визита запланированы двусторонние переговоры с руководством страны, а также проведение очередного раунда политических консультаций между МИДами двух стран.

В первый день визита в МИД Туркменистана состоялась встреча Министра иностранных дел Туркменистана Рашида Мередова с Министром иностранных дел Китайской Народной Республики Ван И.

В ходе конструктивной беседы стороны отметили позитивную динамику развития туркмено-китайских отношений. Было констатировано, что нынешний визит выступает в качестве важного шага в процессе дальнейшего развития туркмено-китайских отношений согласно стратегическим направлениям сотрудничества, определенным главами государств Туркменистана и Китая в ходе их последнего телефонного разговора в мае текущего года.



Министры также подчеркнули результативность переговоров, состоявшихся в мае нынешнего года в городе Сиань на платформе встречи министров иностранных дел «Центральная Азия – Китай», в ходе которых был обсуждён ряд важных вопросов туркмено-китайской повестки дня.

Дипломаты отметили наличие перспектив для развития контактов в области биологической и информационной безопасности, энергетики, несырьевых секторов экономики, а также в сферах культуры, образования, науки, здравоохранения.

В ходе беседы также состоялся обмен мнениями по международной и региональной проблематике. Рассмотрены актуальные вопросы сотрудничества на международной арене, а также отмечена значимость взаимной поддержки инициатив и начинаний на многосторонних площадках. Министры особо подчеркну-



ли необходимость наращивания внешнеполитической координации, включая по вопросам противодействия общим вызовам и угрозам современности.

Стороны акцентировали внимание на ситуации в Афганистане. Отмечено, что страны выступают за продвижение мира и стабильности на афганской земле.

В ходе переговоров отмечена необходимость продолжения позитивного опыта проведения регулярных консультативных встреч на двусторонней основе по актуальным проблемам международной повестки дня – экология и изменение климата, права человека и другие.

Рассмотрены вопросы о взаимном учреждении культурных центров, организации на регулярной основе Дней культуры, выставок, кинофестивалей и других творческих форумов.

По окончании встречи Рашид Мередов и Ван И подписали План сотрудничества между министерствами иностранных дел Туркменистана и Китайской Народной Республики на 2021-2022 годы.

Как подчеркнули руководители внешнеполитических ведомств двух стран, данный документ придаст взаимодействию Туркменистана и КНР системность и последовательность.

По итогам переговоров также подписан «Меморандум о взаимопонимании между Академией наук Туркменистана и Министерством Науки и технологий Китайской Народной Республики о сотрудничестве в сфере науки, технологий и инноваций».



Стороны констатировали высокую значимость дальнейшего развития традиционно дружественных отношений стратегического партнёрства между двумя государствами и народами.

# KEY ASPECTS OF COOPERATION DISCUSSED DURING THE TURKMEN-MOROCCAN POLITICAL CONSULTATIONS



On July 8, the Turkmen-Moroccan political consultations in the format of a videoconference were held.

The Turkmen delegation was headed by the Minister of Foreign Affairs of Turkmenistan Rashid Meredov, while the Moroccan side was led by the Minister of Foreign Affairs, African Cooperation and Moroccan Expatriates of the Kingdom of Morocco Nasser Bourita.

During the consultations, the parties discussed a wide range of issues of bilateral cooperation in political-diplomatic, trade-economic and cultural-humanitarian spheres.

The effectiveness of the visit of the Minister of Foreign Affairs of Turkmenistan Rashid Meredov to Morocco in March of 2020, in accordance with the instructions of the President of Turkmenistan on the necessity to expand the constructive ties with the countries of the African continent was underlined.

The parties noted the importance of bilateral agreements signed during the mentioned visit and agreed to intensify the dialogue on finalizing the additional documents in the area of external policy cooperation, transport, education, science and others.

The Ministers expressed satisfaction with the level of cooperation between the external policy agencies of the two countries, as well as underlined the efficiency of collaboration in the framework of international structures, primarily the United Nations. An exchange of views took place on the pressing issues of regional and global agenda.

During the consultations, the interest of two countries in the development of trade-economic ties was emphasized. The oil and gas, chemical, textile and processing industries, as well as tourism and agriculture were named among the priority vectors of collaboration. In this regard, the possibilities of creating a joint commission on economic cooperation were considered. The parties highlighted the importance of organizing the meetings between the profile ministries and departments of two countries with the participation of the representatives of business circles for the advancement of the given process.

Also, the opportunities of expanding the cultural-humanitarian relations were discussed. The significance of widening collaboration and exchanging expertise on the area of medicine and healthcare was emphasized.

Upon the completion of the talks, the parties signed the Programme of Cooperation between the Ministry of Foreign Affairs of Turkmenistan and the Ministry of Foreign Affairs, African Cooperation and Moroccan Expatriates of the Kingdom of Morocco for 2022-2023.

# The heads of external policy agencies of the Central Asia states, Afghanistan and the UN representatives discussed pressing issues of regional agenda



On July 7, a Ministerial meeting on the Afghan issues was held with the participation of the heads of external policy agencies of the countries of Central Asia through videoconferencing. The organizers of the dialogue were the Ministry of Foreign Affairs of Turkmenistan, the Ministry of Foreign Affairs of the Islamic Republic of Afghanistan and the UN Regional Center for Preventive Diplomacy for Central Asia.

The session was attended by the leadership of the external policy agencies of Afghanistan, Kyrgyzstan, Tajikistan, Turkmenistan and Uzbekistan, the Special Representative of the UN Secretary General for Central Asia, the Head of the UN Regional Center for Preventive Diplomacy for Central Asia Natalia Gherman, Special Representative of the President of the Republic of Kazakhstan on Afghanistan Talgat Kaliyev and the Deputy Special Representative of the Secretary-General (Political) for Afghanistan in the United Nations Assistance Mission in Afghanistan (UNAMA) Mette Knudsen.

During the meeting, the participants discussed the regional cooperation, advancement of the peace process in Afghanistan, security issues, as well as the economic development. A constructive exchange of views took place on current and future collaboration on these vectors.

In his speech, the Minister of Foreign Affairs of Turkmenistan Rashid Meredov stressed the importance of political and socio-economic support of the world community for the attainment of favorable development of the peace process in Afghanistan, the positive outcome of which is directly linked to the political, economic and social atmosphere in the region and beyond.

The role of the countries of the Central Asia, which together with Afghanistan form a single geo-political and geo-economic space, and are linked by centuries long history, culture and inter human relations was underlined. The head of the MFA of Turkmenistan added that Turkmenistan intends to render further support to socio-economic development of Afghanistan, including through the assistance of humanitarian scope.

The participants expressed their vision of the situation in the region and exchanged concrete proposals.

The Turkmen side has declared its intention to intensify the political and diplomatic efforts in the regional and international formats and expressed assuredness in the key role of the United Nation in the given process. In this context, the role of the International Year of Peace and Trust was emphasized, the very name of which reflects the main mechanisms for establishing constructive ties between countries and people.

The active participation to the meeting and commitment of the participants to strengthen cooperation on Afghanistan served as yet another proof of friendship, mutual understanding and the strong will of the partners to uphold security, stability and wellbeing of Afghanistan and the whole region.

# Key aspects of cooperation discussed during the successive round of “Turkmenistan-EU” Dialogue on Human Rights

On July 6, the 13th session of “Turkmenistan-EU” Dialogue on Human Rights was held in the format of a videoconference in the premises of the MFA of Turkmenistan.

The current round of the “Turkmenistan-EU” Dialogue on Human Rights took place in the light of recent meeting of the Cabinet of Ministers of Turkmenistan, upon the outcomes of which the instructions of the President of Turkmenistan Gurbanguly Berdimuhamedov were given on further development of collaboration with the European Union and international institutions in the area of human rights and humanitarian law.

The Turkmen delegation consisted of the Deputy Minister of Foreign Affairs Vepa Hajiyev, Ombudswoman of Turkmenistan Y.Gurbannazarova, representatives of the Parliament (Mejlis), Supreme Court, as well as the Ministry of Justice, Ministry of Internal Affairs, Ministry of Labor and Social Protection of Population of Turkmenistan, State Migration Service, Institute of State, Law and Democracy, as well as the Department on Religious Affairs under the Cabinet of Ministers of Turkmenistan.

The delegation of the European Union composed of the authorized representatives of the EU European External Action Service, EU Ambassador to Turkmenistan. The Ambassadors of France and Germany to Turkmenistan took part in the session as observers, and the Head of the OSCE Centre in Ashgabat also participated to the session.

The parties discussed a wide range of issues regarding the implementation of international legal obligations of Turkmenistan in the field of human rights and international humanitarian law. Among the key issues of the agenda, there were the rule of law and judicial reforms, economic, social and cultural rights, cooperation in multilateral formats and with the international organizations.

The results of the activities of the Inter-departmental Commission on the Implementation of International Obligations of Turkmenistan in the area of Human Rights and International Humanitarian Law were heard. Concrete examples of processing the applications and proposals of the civil society were presented.

The parties exchanged views, recommendations and proposals on the development of national programmes, plans and laws in the field of human rights.

# *Opportunities for strengthening the trade-economic cooperation between Turkmenistan and Italy viewed*

On July 7, a country presentation “Investment and business opportunities cooperation with Turkmenistan» was held for Italian companies in the videoconference format. The Embassy of Turkmenistan in the Italian Republic jointly with the “Confindustria” of Italy and in collaboration with the Italian State export-credit Agency “SACE” were the organizers of the event that took place in the premises of the MFA of Turkmenistan.

At the presentation, the Turkmen delegation was headed by Deputy Minister of Foreign Affairs of Turkmenistan Vepa Hajiyev, and the Italian delegation was headed by Undersecretary of State for Foreign Affairs Manlio Di Stefano.

The meeting was also attended by the Minister of Economy and Finance, the Ambassador of Turkmenistan to the Italian Republic, heads and representatives of the State Bank for Foreign Economic Activities, State concerns «Turkmengaz» and «Turkmenkhimiya», the Union of Industrialists and Entrepreneurs of Turkmenistan and the «TAPI Pipeline Company Limited» Joint-Stock Company.

From the Italian side, the presentation was attended by the Director General of the Italian Trade Agency, the Vice-President of the General Confederation of Italian Industry for International Affairs and the President of the Italian State export-credit Agency “SACE”. Heads and representatives of about 120 large Italian companies and financial institutions were also represented at the meeting.

This event has become a kind of platform for searching for new formats of interaction, as well as an exchange of views on topical issues of the bilateral agenda between the public and private sectors of the two countries.

Thus, during the speeches, the positive dynamics of the development of political-diplomatic, trade-economic, cultural and humanitarian relations between Turkmenistan and Italy was particularly emphasized. In this context, investments, digital technologies, the agro-industrial sector, light industry, transport and logistics, the healthcare sector, the financial and banking system and others are highlighted as priority areas of interaction.

Representatives of the Italian business community stressed their intentions to intensify further multilateral cooperation, which is built on the principles of trust, mutual respect and mutual benefit. Also, within the framework of the presentation, the parties considered in detail the financial, economic and technical tools that SACE can offer for financing business in Turkmenistan.

The participants of the meeting emphasized the importance of large export-oriented and import-substituting lines that are being formed in the country, which in their development are based on local raw materials sources, advanced technologies that allow expanding the competitive industry sector of Turkmenistan.

# Интернет газета
# Международные новости


## НОВОСТИ МИРА И РЕГИОНА

***Посол Туркменистана вручил верительные грамоты Президенту Республики Польша***

Чрезвычайный и Полномочный Посол Туркменистана в Федеративной Республике Германия Б.Реджепов вручил во Дворце «Бельведер» в городе Варшава Президенту Республики Польша Анджею Дуде верительные грамоты в качестве Чрезвычайного и Полномочного Посла Туркменистана в Республике Польша (с резиденцией в г.Берлин).

***Посол Туркменистана вручил верительные грамоты Премьер-министру Государства Кувейт***



Чрезвычайный и Полномочный Посол Туркменистана в Объединенных Арабских Эмиратах С.Гараджаев вручил Премьер-министру Государства Кувейт Шейху Сабаху Халиду Аль-Хамаду Аль-Сабаху верительные грамоты в качестве Чрезвычайного и Полномочного Посла Туркменистана в Государстве Кувейт (с резиденцией в г. Абу-Даби). Церемония вручения прошла во дворце Эмира Государства Кувейт.

***Туркменистан построит новый мост через Гарабогазгол***

Президент Туркменистана Гурбангулы Бердымухамедов поручил объявить международный тендер на строительство автомобильного моста через залив Гарабогазгол на Каспийском море.

По словам Президента, новый мост через Гарабогазгол станет важным инженерным сооружением международного транспортного маршрута Туркменистан-Казахстан.

Было также подчеркнуто, что соединение этого маршрута со скоростной автомагистралью Ашхабад-Туркменбаши позволит повысить пропускную способность дорожной системы страны и увеличит объем торговли между Туркменистаном и соседними государствами.

Говоря о необходимости комплексного освоения химических ресурсов залива Гарабогазгол, глава государства поручил научно-исследовательским институтам страны провести изучение запасов химического сырья и особенностей залива.

***На залежи Малай Туркменистана начали получать новый поток природного газа***

На туркменском месторождении Малай, находящемся на территории Чарджевского этрапа Лебапского велаята, пробурили новую скважину. Ответственная за добычу государственная корпорация «Туркменгаз» начала получать новый промышленный поток природного газа.

Суточная производительность новой скважины составляет свыше четырёхсот тысяч кубометров газа. Специалисты продолжают вести работу по увеличению добычи газа на этом месторождении. Туркменистан ежегодно увеличивает экспорт своего «голубого топлива» благодаря освоению новых углеводородных месторождений.

Кроме того, подчёркнуто, что на данный момент на месторождении Малай активно ведутся работы по наращиванию объёма газовой добычи. В январе 2021 года на этом месторождении начала работать газокомпрессорная станция, благодаря чему появились хорошие возможности более плодотворно скачивать газ.

***Объем импортированных Украиной туркменских нефтепродуктов***

В январе – феврале 2021 года в Украину из Туркменистана было импортировано 3,94 тысячи тонн нефтепродуктов, полученных из битуминозных пород (минералов), что составило 28,8 процента от общего объема импорта, сообщили в Министерстве энергетики Украины.

За аналогичный период 2019 года Украиной из Туркменистана было импортировано всего 0,51 тысячи тонн нефтепродуктов, полученных из битуминозных пород.

«Увеличение импорта указанных товаров произошло за счет реализации политики диверсификации источников и маршрутов поставок нефтепродуктов в Украину», – сказали в Министерстве.

***Готовится номинационное досье - «Туранские пустыни умеренного пояса»***

В Министерстве сельского хозяйства и охраны окружающей среды Туркменистана в режиме «онлайн» прошла встреча, посвященная реализации регионального проекта данного Министерства и Фонда Михаэля Зуккова по охране природы (MSF, Германия) «Центральноазиатская инициатива по пустыням» (CADI/КАДИ).

Помимо представителей Министерства, в презентации приняли участие специалисты государственных природных заповедников, Национального Секретариата по делам ЮНЕСКО в Туркменистане. Встреча проводилась совместно с экспертами Фонда Михаэля Зуккова по охране природы, Институтом ботаники и экологии ландшафтов Университета Грайфсвальда (Германия) и Международного союза охраны природы (МСОП/IUCN).

Региональный проект «Центральноазиатская инициатива по пустыням» реализуется одновременно в Казахстане, Туркменистане и Узбекистане. Его целью является содействие сохранению биологического разнообразия и развитию экосистемных функций пустынь Туркменистана и других стран. Одним из основных компонентов проекта является подготовка номинационного досье по пустынным экосистемам для рассмотрения и внесения их в Список Всемирного наследия ЮНЕСКО. Такая работа с серийными природными объектами проводится в Туркменистане впервые.

Согласно требованиям Конвенции об охране всемирного наследия, государства – стороны Конвенции должны представить предварительные списки важнейших территорий в Секретариат, по крайней мере, за один год до подачи любой номинации.

Серийный объект «Туранские пустыни умеренного пояса» объединяет три отдельно взятых заповедника: Репетекский государственный биосферный, Берекетли Гарагумский и Гаплангырский, а также заповедники, находящиеся в их ведении. Все они расположены в Восточных, Центральных и Северных Каракумах.

Центральноазиатские пустыни умеренного пояса, безусловно, самые большие по площади по сравнению с подобными им пустынями Северной и Южной Америки.

***Генеральные прокуроры пяти прикаспийских государств подписали декларацию по защите экологии Каспийского моря***



Руководители прокуратур России, Азербайджана, Ирана, Казахстана и Туркменистана договорились о сотрудничестве в защите экологии Каспийского моря.

Это предусмотрено декларацией генеральных прокуроров государств прикаспийского региона о сотрудничестве в области охраны окружающей среды и использования природных ресурсов Каспийского моря.

Генпрокурор Ирана выступил в режиме видеоконференции из Тегерана, остальные главы ведомств участвовали очно.

Документ подписан в Санкт-Петербурге.

***ОБСЕ провела в Ашхабаде семинар по развитию бизнеса среди женщин***




В ходе двухдневного семинара по развитию малого предпринимательства среди женщин особое внимание было уделено механизмам стимулирования данного бизнеса.

В рамках семинара было подчёркнуто, что женщины-предприниматели играют важную роль в поддержании роста экономики, а также способствуют сплочению общества.

Эксперты сделали акцент на том, что для развития малых и средних предприятий необходимо расширить предоставление микрокредитов. Эксперты из Греции и РФ рассказали об эффективном бизнес-планировании и типичных ошибках, которые допускаются женщинами, имеющими своё дело.

Одним из спикеров выступила представительница Союза женщин Туркменистана. Она рассказала о работе, проделанной в стране с целью поддержки соответствующего предпринимательства.

Напомним, что согласно данным госкомитета по статистике, в центральноазиатской стране женщин-бизнесменов на 7,3% больше, чем мужчин в частном секторе.

***В Туркменистане представлена инициатива «Образование для правосудия»***

Образование детей и молодежи, повышение осведомлённости имеет значение для предотвращения преступности, коррупции и воспитания культуры законопослушания.

В этой связи, Управление ООН по наркотикам и преступности (УНП ООН) совместно с Агентством США по международному развитию (USAID) презентовало для туркменских специалистов инициативу «Образование для правосудия».

В онлайн-встрече приняли участие представители Министерства образования Туркменистана, профессорско-преподавательский состав Института международных отношений Министерства иностранных дел Туркменистана, Международного университета гуманитарных наук и развития, преподаватели средних школ.

Инициатива «Образование для правосудия» разработана ЮНЕСКО и УНП ООН и направлена на предотвращение преступности, а также продвижение культуры законности посредством образовательных мероприятий. Эти мероприятия помогают педагогам научить молодое поколение лучше понимать проблемы, которые могут подорвать верховенство закона, расширить их возможности для решения глобальных проблем, связанных с преступностью.

Инициатива является частью Глобальной программы по осуществлению Дохинской декларации, принятой по итогам XIII Конгресса ООН по предупреждению преступности и уголовному правосудию в 2015 году.

***Экологический менеджмент в нефтегазодобывающем секторе***

Передовой опыт экологического менеджмента в нефтегазовом секторе стал темой организованного Центром ОБСЕ в Ашхабаде семинара, который прошел в формате видеоконференции.

В мероприятии приняли участие представители государственных концернов «Туркменгаз», «Туркменнефть», «Туркменгеология», «Туркменхимия», Министерства сельского хозяйства и охраны окружающей среды и других соответствующих государственных органов.

Семинар ознакомил участников с методами устойчивого управления воздействием нефтегазовой промышленности на окружающую среду, а также подчеркнул важность энергосбережения и энергоэффективности в нефтяной промышленности. Два международных эксперта из Норвегии и Российской Федерации подробно проработали вопросы управления рисками в нефтегазовом секторе, включая его экологические и финансовые аспекты, с особым акцентом на международные требования и соответствующие стандарты в этой области.

Мероприятие было организовано в рамках проекта «Укрепление сотрудничества с принимающей страной в области надлежащего экологического управления и экологической безопасности».

***ООН призывает мир к всеобщей вакцинации***

Генеральный секретарь ООН Антониу Гутерриш вновь призвал создать глобальный план вакцинации, чтобы как минимум удвоить производство вакцин и обеспечить их справедливое распределение.

По его словам, глобальный план вакцинации объединил бы всех, кто обладает необходимой властью, научной экспертизой, производственными и финансовыми возможностями.

***Массовая вакцинация приведет к восстановлению туризма***




Высокий уровень вакцинации населения и более широкое внедрение цифровых технологий приведут к росту международного туризма, сообщает Всемирная туристская организация.

Также отмечается, что региональные различия в отношении ограничений на поездки сохраняются. Полностью закрыты 70% всех направлений в Азиатско-Тихоокеанском регионе, по сравнению с всего 13% в Европе, 20% в Северной и Южной Америке, 19% в Африке и 31% на Ближнем Востоке.

«Правительства играют важную роль в возобновлении и восстановлении туризма посредством сотрудничества, использования данных и цифровых технологий» - говорится в сообщении Всемирной туристской организации.

***Всемирный день народонаселения***

По случаю Всемирного дня народонаселения, который отмечается 11 июля, в ООН напоминают о решении проблемы демографических изменений, которое заключается в приоритетном обеспечении репродуктивного здоровья и прав всех людей.

Многие страны выражают растущую озабоченность по поводу изменения уровня рождаемости.

В ЮНФПА подчеркивают, что женщины должны быть наделены всеми необходимыми правами и возможностями в плане получения образования, в экономической и политической сферах и обладать полной свободой выбора в отношении планирования семьи.

Потребовались сотни тысяч лет, чтобы население планеты выросло до 1 миллиарда человек — затем всего за еще 200 лет оно выросло в семь раз. В 2011 году численность населения мира достигла отметки в 7 миллиардов человек, а сегодня она составляет около 7,7 миллиарда, и ожидается, что в 2030 году вырастет примерно до 8,5 миллиарда человек.

Кроме того, в мире наблюдаются высокие уровни урбанизации и ускоряющаяся миграция. 2007 год стал первым годом, когда в городах проживало больше людей, чем в сельской местности, и к 2050 году около 66 процентов населения мира будет проживать в городах.

*Материалы подготовлены на основе интернет-источников.*